# Masgarabaz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Masgarabaz MASGARABAZ




Hindilerde barmyş şeýle rowaýat,
Owal başda bina bolanda aýat,
Bar eken bir ýerde bir masgarabaz,
Bileni-biteni oýun, gülki, saz.
Her bir gama batan gerende şony,
Unudar ekeni gaýgyny gamy.
Seýiklär eken ol ynjan göwüni,
Çözlär eken gursakdaky düwüni,
Güldürer eken ol iñ bir tukady.
Oñ jaýy bolupdyr gülkiñ dükany.
Ýene bir ýerde bir tebip bar eken,
Dert emin tapmaga şeýle zor eken.

Bir gün biri gelipdir oñ ýanyna,
Derman soramaga dertli janyna:
– Eý, tebip, salgy ber meniñ dermanym,
Kalbymda gussa bar, serde armanym.
Tebip oña jogap gaýtaran şonda:
– Masgarabaza bar, eglenme munda,
Men syna derdiniñ tapýan çäresin,
Ol bejerýär göwünleriñ ýarasyn.

Yzyna gaýdypdyr biçäre hassa,
Serinde armany, kalbynda gussa,
Ýene-de gizläp öz perişan tabyn,
Geýipdir ýüzüne gülki nikabyn…
Özgä şatlyk paýlan şol masgarabaz,
Özün gaýgy-gama aýdypdyr niýaz.

1982.

Gurban REJEBOW. Goşgular